# Üsti jedelli ilkinji robot jelephanasy

Category: Kitapcy,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Üsti jedelli ilkinji robot jelephanasy ÜSTI JEDELLI ILJINJI ROBOT JELEPHANASY




*Heniz maliýeleşdirme tapgyryndaky jelephananyñ ABŞ-nyñ Kaliforniýa ştatynda açylmagy meýilleşdirilýär. Müşderiler «şahsy ýakynlykda wagt geçirmezden» öñ robotlary tanamaly*
Birnäçesi iniñi düýrükdiriji derejede hakyky ýaly bolup görünýän seks robotlary turuwbaşdan gatnaşyklarda ikitaraplaýyn razylygyñ oñlanylan gymmatyna zyýan ýetirip biljekdigi gorkusyny döretdi.
Häzir bolsa bir kompaniýa şol gorkyny dünýäniñ ilkinji «öz islegiñe bagly» seks robotynyñ jelephanasyny açyp giderjek bolýar. Bu ýerde müşderiler jynsy gatnaşyga girmezden öñ robotlar bilen dialoga girmeli bolýar. Açylan ýagdaýynda «Ýewanyñ robot düýşleri» («Eve’s Robot Dreams») diýip atlandyrmak göz öñüne tutulan jelephana «Indiegogo» web saýtynyñ berýän habaryna görä (entek maliýeleşdirme tapgyrynda), ABŞ-nyñ Kaliforniýa ştatynda açylmagy meýilleşdirilýär.




Jelephananyň düýbüni tutujy we robot etikasy boýunça hünärmen Unikole Unikronyň pikiriçe, şeýtmek bilen maksat «robotlara mynasyp dünýä gurup, geljekdäki bolup biläýjek robot gozgalaňlaryna goşant goşmakdan gaça durmak».
Özüni görmäge gelenleriň we bioniki partnýorlarynyň arasynda sazlaşykly gatnaşygy ýola goýmak maksady bilen müşderiler «şahsy ýakynlykda wagt geçirmezden» öň robotlary tanamaly bolýar. Muny robot jelephanasynda edip bilişleri ýaly, şol ýerik barmazdan öňem sosial ulgam arkaly amala aşyryp bilýär.
Web saýtynda «müşderiler telefonlaryna «Realbotix» ulgamyny ýükläp, täse tanyşlary bilen gatnaşyk açyp bilerler» diýilýär.
Beýleki bir ýandan müşderiler ol ýerik baranda ýaňy tanşan ýa-da heniz tanyşmadyk roboty bilen dil tapyşyp bilýär. Müşderi jynsy gatnaşykdan öň tanşan roboty bilen flirt edesi gelse, jelephananyň kafesinde oturyp, arkaýyn gürleşip biler.



Beýleki bir ýandan «gatnaşyk» ýola goýlandan soň jelephananyň tipiki nusgalary işläp başlaýar: robotlar bilen jynsy gatnaşyga girilýän ýörite seanslar 112 dollar, robotyň «ilkinji bolup» düşegine girmek isleýän müşderiler bolsa 10 müň dollar tölemeli bolar. Öňünden gürleşilmän göni ýanyna barylýan robotlaryň bahasy bolsa 60 dollar.
Jelephananyň «öz islegiň boýunça» zakaz kabul edýändigine garamazdan gorky-ünjiler aýrylyp gidiberenok, aýratynam Twitterde «iniňi düýrükdiriji» hökmünde baha berilen sallahlyk saýlawy.
Emma dowam edip gelen maliýe kampaniýasyna görä, jelephananyň

şumatky «esasy gaýgysy» gigiena we arassaçylyk. Robotlar her täze müşderini kabul etmezden öň gözegçi işgär tarapyndan birlaý sterilizirlenmeli bolýar.
Unikole Unikronyñ pikiriçe, bu ýerde jynsy gatnaşyga girip boljak robot görnüşleri «seks robotlaryndaky erkek merkezli isleg-arzuwlary» öz içine alýar.




Munuñ bilen birlikde maliýe kampaniýasynda aýdylyşyna görä, jelephananyñ açylyşynda saýlamaga ukyply dürli «robot kelleli, ýöne hereketsi seks gurjaklary-da» bolar.
Häzire çenli öz islegiñe görä android seks kampaniýasy dokuz hemaýatkäriñ kömegi bilen bary-ýogy 2.634 dollar üýşürip bildi. 155 müñ dollar jemlemek göz öñüne tutulan maksadyñ ýüzden biridir.



Çelsi RITŞEL,
ABŞ-nyň ýaşaýyş-durmuş terzi boýunça korrespondenti.
@chelsearitschel
Penşenbe, 14.03.2019 ý. Ylym we tehnologiýa